4. The carrier name can be specified in the form of an abbreviation on the air ticket. The full name and its reduction are contained in the tariff directories of the carrier, transportation conditions, rules and schedule. The coordinated points of stops are the points specified in the ticket or in the schedule of the carrier where the points of intermediate stops on the given route are specified; transportation which shall be carried out consistently by several carriers is considered as single.
5. The Carrier giving the ticket for transportation on another air carrier acts, in this case, only as its Agent.
6. The checked luggage is given out to the bearer of the luggage label. In the case of luggage damaged during international transportation, the claim should be presented to the carrier in the written form immediately after damage is detected, but not later than 7 days from the date of luggage reception. In the case of a delay in luggage delivery the claim should be presented no later than 21 days from the date of prospective delivery of luggage.
7. The ticket given out at the normal tariff is valid within one year beginning from the date of beginning of transportation and if none of flight coupons have been used then from the date of giving out of the ticket. The ticket given out at a special tariff is valid for transportation in the terms established by rules of application of this tariff.
8. Flight coupons should be used in the sequence as specified on the passenger coupon in order to maintain the database of records for electronic tickets. If the sequence of coupons is broken, the passenger with this ticket will not be accepted for transportation, and the ticket will not be subject to exchange or return.
9. A passenger shall observe the requirements of state bodies while traveling, present entrance, exit and other required documents, and also to arrive at the airport by the time indicated by the carrier, or in the case of the absence of exact instructions concerning the arrival time to the airport, passengers are required to arrive with a sufficient reserve of time for performance of all necessary pre-flight procedures.
10. The carrier does not bear responsibility for reliability and correctness of the documents given out by corresponding state and other competent bodies for their presentation to transportation.
11. For provision of flight and aviation safety, passengers must not cause threat to health of other passengers or safety of persons and their property on board the aircraft, and also not cause inconvenience to other passengers and equally to the airline personnel – including verbal insults and especially physical violence. If such behaviour is reported the following sanctions will be applied:
• Cancellation of the contract of transportation and refusal of further/return transportation – as stated by international law and legislation of Turkmenistan.

Şertler we möhletler

Gatnatma şertnamasynyň umumy şertleri

1. Şu şertnamada ulanylýan adalgalar:
• «petek» şu şertler we habarnamalaryň bir bölegi bolan elektron petek bolan ýagdaýynda ýolagçy petegi we goş kwitansiýasy ýa-da gatnaw kwitansiýasy;
• «gatnatma» – „daşama" adalgasynyň manydaşy;
• «Gatnadyjy» şu şertnama laýyklykda ýolagçyny ýa-da onuň goşuny gatnadýan ýa-da öz üstüne onuň gatnadylmagyny üpjün etmek ýa-da şol howa gatnatmasy bilen bagly islendik beýleki hyzmatlary etmek borçnamasyny alýan ähli howa gatnadyjylary aňladýar;
• «Warşawa Konwensiýasy» – şu gatnatma bu resminamalaryň haýsysynyň ulanylyp bilinjekdigine baglylykda Halkara howa gatnatmalarynyň düzgünlerini unifisirlemek boýunça 1929-njy ýylyň 12-nji oktýabrynda Warşawada gol çekilen konwensiýa ýa-da onuň 1955-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda Gaagada düzediş girizilen nusgasy.
2. Şu resminama boýunça gatnatma Warşawa konwensiýasynyň kesgitlemegi boýunça gatnatma „halkara gatnatmasy" bolmadyk ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda Warşawa konwensiýasynda bellenen jogapkärçilik hakyndaky düzgünlere laýyklykda amala aşyrylýar.
3. Ýokarda beýan edilenlere zyýan ýetirmezden, şu şertnama boýunça ýerine ýetirilýän we her bir gatnadyjy tarapyndan edilýän beýleki hyzmatlar şu aşakdakylara laýyk gelmeli: (i) petekde görkezilen şertlere, (ii) ulanylýan tariflere, (iii) gatnadyjynyň gatnatma şertlerine we şu şertnamanyň bir bölegi bolup duryan olar bilen bagly kadalaşdyryjy düzgünlere, olar bilen gatnadyjynyň satuwlar ofisinde we wekilhanalarynda tanşyp bolýar.
4. Gatnadyjynyň ady awiapetekde abbrewiatura görnüşinde görkezilip bilner. Doly ady we onuň gysgaltmasy gatnadyjynyň tarif maglumatnamalarynda, gatnatma şertlerinde, düzgünlerde ýa-da tertipnamada görkezilýär; gatnadyjynyň salgysy hökmünde petekde gatnadyjynyň adynyň birinji abbrewiatura garşysynda uçuşyň aeroporty görkezilmeli; duralgalaryň ylalaşylan nokatlary bu petekde ýa-da gatnadyjynyň tertipnamasynda görkezilen nokatlar bolup durýar, bu ýerde şol gatnaw ugrunda aralyk duralgalaryň nokatlary görkezilýär; gatnawlary bir resmi kagyzda resmileşdirilen birnäçe gatnadyjylar tarapyndan yzygiderli ýerine ýetirilmeli gatnatma bir bitewi gatnatma hökmünde garalýar.
5. Beýleki howa gatnadyjynyň liniýalarynda gatnatmak üçin petek berýän gatnadyjy şu ýagdaýda diňe onuň agenti hökmünde çykyş edýär.
6. Hasaba alnan goş goş birkasyny görkezene berilýär. Halkara gatnatmasynda goşa zeper ýetirilen ýagdaýynda gatnadyja zeper ýetme ýüze çykarylandan soň haýal edilmän, ýöne goş alnan gününden soň 7 günden gijä galman ýazmaça görnüşinde şikaýatnama berilmeli, goşuň getirmesi saklanan ýagdaýynda bolsa şikaýatnama goşuň berilmegi çaklanylýan gününden soň 21 günden gijä galman berilmeli.
7. Kadaly tarif boýunça berlen petek gatnatmanyň başlanan senesinden başlap, eger uçuş kuponlarynyň hiç birisi ulanylmadyk bolsa, onda petegiň berlen senesinden soň bir ýylyň dowamynda güýçli. Ýörite tarif boýunça berlen petek bu tarifi ulanmagyň düzgünlerinde bellenen möhletlerde gatnatma üçin güýçli.
8. Petegiň uçuş kuponlary ýolagçy kuponynda görkezilen yzygiderlilikde, eger elektron petek bolsa, elektron petekleriň ýazgylarynyň maglumatlar gorunda saklanyşyndaky ýaly yzygiderlilikde ulanylmaly. Eger-de berlen petekde kuponlaryň yzygiderliligi bozulan bolsa, onda ýolagçy bu petek bilen gatnadylmaga kabul edilmeýär, petek bolsa çalşylmaga ýa-da gaýtarylmaga degişli däl.
9. Yolagçy saparlar amala aşyrylanda döwlet edaralarynyň talaplarny berjaý etmeli, giriş, çykyş we beýleki talap edilýän resminamalary görkezmeli, şeýle hem aeroporta gatnadyjy tarapyndan bellenen wagtynda ýa-da aeroporta gelmegiň wagty hakynda takyk görkezmeler bolmadyk ýagdaýynda uçuşdan öňki zerur bolan amallaryň ählisini ýerine ýetirmek üçin ýeterlik wagt ätiýaçlygy bilen gelmeli.
10. Gatnadyjy gatnadylmagy üçin degişli döwlet we beýleki ygtyýarly edaralary tarapyndan berlen resminamalaryň ygtybarlylygy we dogrulygy üçin jogapkärçilik çekmeýär.
11. Awiasion howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen, ýolagçy özüniň saglygyna ýa-da howa gämisiniň bortundaky adamlaryň, emlägiň howpsuzlygyna howp salýan ýagdaýlary, şeýle hem beýleki ýolagçylara, şeýle hem awiakompaniýanyň işgärlerine amatsyzlyklary döretmezlige, olar babatda islendik söz sögünçlerine we hasam beter fiziki süteme ýol bermezlige borçlanýar. Borçlar ýerine ýetirilmese ýolagçy babatda şu aşakdaky çäreler görler: gatnatma üçin şertnamanyň bozulmagy we ýolagça mundan beýläkki/ yzyna gaýdyşyn gatnatmadan ýüz öwürmek; halkara hukugynda we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçilige çekmek.

Сроки и условия

Общие условия договора перевозки

1. Употребляемые в настоящем договоре термины:
• «билет» – пассажирский билет и багажная квитанция или маршрутная квитанция, в случае электронного билета, частью которого являются настоящие условия и уведомления;
• «перевозка» – эквивалентен термину «транспортировка»;
• «перевозчик» означает всех воздушных перевозчиков, которые перевозят или берут на себя обязательство обеспечить перевозку пассажира или его багажа в соответствии с настоящим договором или предоставить любые другие услуги, связанные с данной воздушной перевозкой;
• «Варшавская Конвенция»– Конвенция по унификации правил международных воздушных перевозок, подписанная в Варшаве 12 октября 1929 года или её вариант с поправками, внесенными в Гааге 28 сентября 1955 года в зависимости от того, какой из этих документов может быть применен к настоящей перевозке.
2. Перевозка по данному документу должна осуществляться в соответствии с правилами об ответственности, установленными Варшавской конвенцией, за исключением тех случаев, когда перевозка не является «международной перевозкой» по определению этой конвенции.
3. Без ущерба вышеизложенному, перевозка, выполняемая по настоящему договору, и другие предоставляемые каждым перевозчиком услуги, должны соответствовать: (i) указанным в билете условиям, (ii) применяемым тарифам, (iii) условиям перевозки перевозчика и связанным с ними нормативным положениям, являющимся частью данного договора (с которыми можно ознакомиться в офисах продаж и представительствах перевозчика.
4. Название перевозчика может быть указано в виде аббревиатуры на авиабилете. Полное наименование и его сокращение содержатся в тарифных справочниках перевозчика, условиях перевозки, правилах или расписании; в качестве адреса перевозчика должен быть указан аэропорт вылета напротив первой аббревиатуры названия перевозчика в билете; согласованными пунктами остановок являются пункты, указанные в этом билете или в расписании перевозчика, где указаны пункты промежуточных остановок на данном маршруте; перевозка, которая должна выполняться последовательно несколькими перевозчиками, рейсы которых оформлены на едином бланке, рассматривается как единая.
5. Перевозчик, предоставляющий билет для перевозки на линиях другого воздушного перевозчика, выступает в данном случае только в качестве его Агента.
6. Зарегистрированный багаж выдается предъявителю багажной бирки. В случае повреждения багажа при международной перевозке, перевозчику должна быть предъявлена претензия в письменном виде, немедленно после обнаружения повреждения, но не позднее 7 дней со дня получения багажа, а в случае задержки в доставке багажа претензия должна быть предъявлена не позднее 21 дня со дня предполагаемой выдачи багажа.
7. Билет, выданный по нормальному тарифу, действителен в течение одного года, начиная от даты начала перевозки, а если ни один из полетных купонов не был использован, то от даты выдачи билета. Билет, выданный по специальному тарифу, действителен для перевозки в сроки, установленные правилами применения этого тарифа.
8. Полетные купоны билета должны быть использованы в последовательности как указано на пассажирском купоне, если электронный билет, то как содержится в базе данных записей электронных билетов. Если в предоставленном билете последовательность купонов нарушена, то пассажир с этим билетом не принимается к перевозке, а билет не подлежит обмену или возврату.
9. Пассажир должен соблюдать требования государственных органов при совершении поездок, предъявлять въездные, выездные и другие требуемые документы, а также прибывать в аэропорт ко времени, установленному перевозчиком или, в случае отсутствия точных указаний по поводу времени прибытия в аэропорт, с достаточным запасом времени для выполнения всех необходимых предполётных процедур.
10. Перевозчик не несет ответственности за достоверность и правильность документов, выданных соответствующими государственными и другими компетентными органами для предъявления их к перевозке.
11. В целях обеспечения авиационной безопасности полета, пассажир обязуется не создавать ситуации, влекущие угрозу здоровью самого пассажира или безопасности находящихся на борту воздушного судна лиц и имущества, а также неудобства другим пассажирам, равно как и персоналу авиакомпании
• не допускать по отношению к ним любое словесное оскорбление и, тем более, физическое насилие. В противном случае в отношении пассажира будут применены следующие санкции: - Расторжение договора на перевозку и отказ пассажиру в дальнейшей/ обратной перевозке: - Привлечение к ответственности, предусмотренной международным правом и законодательством Туркменистана

Sales Offices in Turkmenistan

Türkmenistanda satuw ofisleri
Офисы продаж в Туркменистане

Ashgabat
Turkmenistan Airlines
International Airport in Ashgabat named after S.Turkmenbashy

Aşgabat
Türkmenhowaýollary Döwlet milli gullugy
Aşgabadyň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Halkara howa menzili

Ашхабад
Главное агентство воздушных сообщений
проспект Махтумкули 82
Международный аэропорт имени Сапармурата Туркменбаши

TEL: (+993 12) 39-39-00;
TEL: (+993 12) 23-23-34, 23-38-45, 23-38-47;
FAX: (+993 12) 35-58-48.
E-mail: info@turkmenhowayollary.gov.tm

Turkmenabat
Agency of air connections, Turkmenabat c. Airport

Türkmenabat
Howa Gatnawlarynyň Gullugy
Türkmenabat ş. Howa menzili

Туркменабат
Агентство воздушных сообщений
Аэропорт

TEL: (+993 422) 3-75-97;
TEL: (+993 422) 3-92-65;

Turkmenbashy
Agency of air connections

Türkmenbaşy
Howa Gatnawlarynyň Gullugy, Azady köçesi, Balkanabat,
Howa Gatnawlarynyň Gullugy kwartal 201, j 1.

Туркменбаши
Агентство воздушных сообщений ул. Азади

TEL: (+993 322) 2-45-49, 2-54-74; 7-09-60;

Dashoguz
Agency of air connections, Daşoguz c. Airport, S. Türkmenbaşy şaýoly 44/1

Daşoguz
Daşoguz ş. Howa menzili
Howa Gatnawlarynyň Gullugy, S. Türkmenbaşy şaýoly 44/1

Дашогуз
Аэропорт
Агентство воздушных сообщений, проспект С.Туркменбаши 44/1

TEL: (+993 322) 5-25-19;
TEL: (+993 322) 5-50-52, 5-20-13;

Mary
Agency of air connections, Mary c. Airport, st. Mahtymguly 11

Mary
Mary ş. Howa menzili
Howa Gatnawlarynyň Gullugy, köçe. Magtymguly 11

Мары
Аэропорт, проспект Байрамали
Агентство воздушных сообщений, ул.Махтумкули 11

TEL: (+993 522) 3-24-43, 3-26-50;
TEL: (+993 522) 6-30-88, 3-27-77;

Luggage Regulations

Registered baggage

The Carrier is obliged to specify the number of packages and weight of the registered baggage that the ticket allows. If the baggage weight is not specified in the ticket, it is considered that the full weight of the registered baggage does not exceed free baggage allowance. The Carrier is obliged to give out to the passenger a coupon or baggage label. After the registration of baggage its safety is assigned to the Carrier.

The Carrier can refuse to accept baggage if it is not suitably packed into suitcases, boxes, bags or in other packaging in accordance with handling and transportation safety standards. Fragile or perishable objects, money, jewellery, precious metals and other valuables, and also business documents, should not be put into the registered baggage, but carried in hand luggage.

The registered baggage is transported on the same aircraft which the passenger is flying on. If such transportation is impossible for any reason, the Carrier is obliged to transport the registered baggage by nearest subsequent flight.

Weight and rules of free baggage allowance

Each passenger with a ticket has the right to take, free of charge, the established weight of baggage corresponding to a class of service, stipulated by the rules, orders and instructions of the Management of Turkmenistan Airlines. If international transportation is consistently carried out on the international line in the first class service (including lines of foreign carriers), and on the international line Turkmenistan Airlines, including if it is not in the first class service, then the passenger has the right to take, free of charge, baggage corresponding to the first class service, paid by the passenger.

If international transportation is consistently carried out on the international and internal lines, then the passenger has the right to take, free of charge, baggage corresponding to the class of service on the international line and which is paid by the passenger at the point of purchase of a ticket. If a passenger voluntary changes a route of transportation and/or a class service, the passenger has the right to take, free of charge, baggage as established for the corresponding route or class service.

In the case of a change to a route of transportation or a class service the passenger has the right to take, free of charge, such quantity of baggage that was authorised to be taken on the originally paid route and service class.

The passenger can carry hand luggage onto the aircraft, under his or her own responsibility, as part of the free baggage allowance. The hand baggage weight should not exceed 5 kg, and its maximum dimensions should not exceed 50x40x20cm.

Within the baggage allowance the passenger has the right to take, free of charge, the following items onto the aircraft as part of their hand luggage.

- handbag;
- folder for papers;
- coat or a raincoat;
- umbrella or a cane;
- Printed material for reading in flight;
- food for a child and a child's carry-cot;
- wheelchairs.

When two or more passengers are travelling together to the same destination, and check their baggage at the same time, it gives the right of free transportation equal to the sum of their individual norms of free baggage allowance.

Payment of transportation of baggage exceeding the free baggage allowance

Baggage exceeding the free baggage allowance is paid at the point of departure for all transportation. Such payment can be made preliminary (at ticket registration). If at the point of departure the passenger has shown, for transportation, baggage in a quantity lesser than it has been declared and preliminary paid at ticket registration, the difference in transportation payment between the declared and actual weight of baggage is subject to return to the passenger in currency of initial payment.

If the passenger has presented for transportation baggage in quantity greater than it has been declared and preliminary paid for, such baggage is accepted for transportation on the same aircraft as the passenger ONLY if there is the availability of the free tonnage, and after paying a corresponding surcharge. At will of the passenger, payment for transportation of baggage exceeding the free baggage allowance can be made at the stop-off point or at the transfer point. In case of an increase in weight of baggage, the passenger is required to make payment for the additional baggage at the stop-off point or the transfer point.



Copyright: Mikael Damkier

Baggage delivery

The passenger should receive the registered baggage from the Carrier at the point of destination, stopover or transfer.

The Carrier (or its Agent) gives out the registered baggage to the bearer of the baggage receipt/ coupon/ baggage label, subject to the payment of all sums which are due to the Carrier under the contract of international air transportation. The Carrier (or its Agent) is not obliged to check whether the bearer of the baggage receipt/coupon/baggage label, has the right baggage and does not bear damage liability or loss of expenses caused by the delivery of baggage without such checks.

If a person applying for reception of baggage cannot show the baggage receipt and coupon of a baggage label, the Carrier (or its Agent) will give out baggage only under condition of a presentation of sufficient proof of the rights to this baggage.

In all cases of a delay in the delivery of baggage, its shortage, damage or loss, and also in case of delivery of baggage without a presentation of the baggage receipt/coupon/baggage label, the passenger will be required to fill out a Property Irregularity Report (PIR) which should be signed by the person receiving baggage and by the Carrier. The report is made by the Carrier immediately after failure detection and before the passenger leaves the airport territory.

Unclaimed baggage is stored in the airports of Turkmenistan for six months from the date of its delivery. After the specified term unclaimed baggage is destroyed in accordance with the established procedure.

Transportation of pets

Dogs, cats, birds and other small pets (domesticated animals) are accepted for transportation only if they are accompanied by an adult passenger and with the preliminary consent of the Carrier. The passenger is obliged to present the certificate issued by the authorised official body, and other documents demanded by veterinary bodies of any country, in territory, from territory or through which territory transportation is carried out.

For transportation of animals and birds the passenger is obliged to provide a suitable container of the sufficient size with access for air. The bottom of the container should be water-proof and covered in an absorbant material. As an exception it is permitted to transport animals and birds in densely closed baskets, boxes with apertures for air access. Cages of birds should be covered by a dense lightproof cloth.

The weight of accompanied animals and birds, including weight of containers and food, is not included as part of the free baggage allowance and should be paid for at a seperate baggage rate.

Guide dogs for the visually impared are transported free of charge without a cage over the free baggage allowance provided that the dog is a wearing a collar and a muzzle, and that the dog sits at the feet of the owner. Transportation of pets (domesticated animals) and birds is made provided that the passenger assumes overall responsibility for them. The carrier is not responsible for physical injuries, loss, a delay in delivery, diseases or death of such animals and birds during import or transportation through any country or territory.

Safety Regulations



Copyright: Rob Wilson

The items which are not accepted for transportation as baggage

The passenger should not include in their baggage items which being on-board the aircraft can harm the aircraft, persons or the property, including:

- Explosives
- Compressed gases
- Corroding liquids
- Oxidising substances
- Radioactive substances
- Magnetised materials
- Inflammable materials
- Poisonous substances, with strong odour or irritants
- And also liquids (except for the liquids which are in un-registered baggage and which are intended for consumption during the trip of the passenger);
- The items for which transportation is forbidden by laws, rules and instructions of state structures of any country, in territory, from territory or through which territory transportation is carried out;
- Items which, according to the Carrier, on the weight, the size or under other characteristics are not suitable for transportation as baggage; Animals, excepting dogs, cats and other pets (domesticated animals) and birds that can be accepted for transportation at observance of the positions stated in the present rules. The carrier can refuse to transport any items or the substances specified above as baggage and can refuse to carry out transportation of any baggage if it will be revealed that it includes such items or substances.

The items accepted for transportation, that are not registered baggage, in limited quantity and with the permission of the carrier

Passengers are authorised to take non registered baggage in limited quantity and with the permission of a carrier:

- Sanitary articles and medicine which can be necessary during flight;
- The artificial ice used for packing and preservation of perishable items;
- Alcoholic drinks in quantity no more than it is authorised by laws, rules and instructions of state structures of any country, in territory, from territory or through which territory transportation is carried out;
- Tobacco products and accessories to smoking, including lighter only with liquefied absorbed gas;
- Portable oxygen cylinders used exclusively in the medical purposes;
- Portable carbon dioxide cylinders used to activate orthopedic appliances.

Examination of passengers and baggage

With a view of flight safety, protection of life and health of passengers and members of the aircraft crew, aircraft security of SNS Turkmenhovayollary and other authorised bodies of Turkmenistan have the right to examine baggage (including un-registered baggage) and conduct a personal inspection of passengers. Examinations are carried out at the airport or on the aircraft.

During the flight further examination of a passenger can be conducted if necessary, irrespective of the consent of the passenger. For the present point the aircraft is considered to be in flight at any time from the closing of all its external doors after loading till the moment of opening of any of these doors for unloading.

If a passenger refuses examination at the airport the Carrier has the right to terminate the contract of the international air transportation and return the sum paid for transportation. Items which, according to aircraft security of SNS Turkmenhovayollary or other authorised bodies of Turkmenistan, can threaten the safety of the flight and are not allowed for transportation as per baggage regulations, the registered baggage can be withdrawn from the passenger. The list of such items is established by National Administration of Turkmenhovayollary and authorised bodies.

The items withdrawn at examination should be, whenever possible, transported on the same flight to which the passenger follows.

Order of transportation of the withdrawn items and their transfer to passengers is defined by corresponding rules and instructions of SNS Turkmenhovayollary.

Passenger baggage must not contain:



Sales Offices Abroad

Daşary ýurtdaky satuw ofisleri
Офисы продаж за рубежом

Abu Dhabi
Sheikh Zayed st. Thablan Rashid Al Muhairu, 2nd floor, Flat #202, P.O. Box 46350 Abu Dhabi, U.A.E.
Tel: (8-10-9712) 632-71-00;
Fax: (8-10-9712) 634-44-86.

Bangkok
491/34 2 Floor Silom Plaza, Silom Road, Silom sub- district, Bangrak District Bangkok 10500.
Tel: +662 635-06-03; 635-06-04; 635-06-05; 635-06-07;
Fax: +662 635-06-06.

Delhi
N.1, B.M.C. House. Middle Circle, Connaught place. New-Delhi, 110001, India
Tel: +91112 372-10-85; 331-82-47; 372-10-87
Fax: +91112 331-82-49

Frankfurt
Kaiser Strase 72, 60329 Frankfurt am Main, Gutleut Str. 45, Germany
Tel: +4969 242-46-553;
Fax: +4969 272-27-776

Istanbul
Ataturk Airport International Terminal Departure Floor idl 38131, Yesilkoy – Istanbul 34149 Turkey.
Tel: +90212 465-01-60
Fax: +90212 465-86-30

London
494 Great West Road, Jarsey Parade, Houdslow, Middlesex, TW5 0TE, United Kingdom
Tel: +44 (0) 208 577-22-11; 577-98-89;
Fax: +44 (0) 208 577-84-00; 577-99-00.

Birmingham
16-18 South Road, Smethwick, West Midlands, B67 7BD, United Kingdom.
Tel: +44(0)121 558-63-63; 555-88-04; 565-03-34
Fax: +44(0)121 558-34-56

Moscow
1. 119019, малый афанасьевский Переулок, дом 14 стр.1.
2. Домодедово, аэровокзал, 5 Этаж, комната 511.
Tel: +7095 691-12-33; 691-24-81; 258-55-63;
Fax: +7095 202-12-41

Beijing
17 Floor, Room 1717. Hanwei Plaza, Guanchua Road Beijing, Pr China 100004, China
Tel: +8610 656-14-240; 656-14-230
Fax: +8610 656-14-231; 656-14-238

Almaty
050050, пр. Жибек жолы 111, (аэровокзал), Kazakhstan
Tel: +77272 78-01-21
Fax: +77272 79-93-19

Kiev
02100 ул. Полудренко, дом 18, офис 29. Ukraine
Tel: +38044 559-24-29
Fax: +38044 559-24-29

Minsk
Проспект независимости 25, ком. №131, Republic of Belarus
Tel: +7375 17-227-81-27
Fax: +7375 17-227-81-27

Saint-Petersburg
1. Ооо виртранс ул. Бабушкина, дом 48, Russian Federation
Tel: +7812 600-10-15; 459-98-99;
Fax: +7812 560-15-89;
2. Туроператор itm север пл. Александра невского д. 2а б.ц.москва офис 110
Tel: +7985 644-62-76

El goşy barada maglumat

Bellige alnan goş

Goş äkidilmäge kabul edilýän wagtynda Gatnadyjy petekde bellige alnan goşuň orun mukdaryny we agramyny görkezmäge borçludyr, bu ýolagça goş hatynyň berilmegi hasap edilýär. Goşuň agramy petekde görkezilmedik bolsa, onda bellige alnan goşuň doly agramy mugt äkidilýän mukdardan aşmaýar diýlip hasap edilýär. Mundan başga-da, Gatnadyjy ýolagça goş dakmajynyň ýyrtylyan talonyny bermäge borçludyr. Goş bellige alnandan soň, onuň abatlygy boýunça borçnamalar Gatnadyjynyň üstüne ýüklenýär.

Goş çemodanlara, gutulara, ýantorbalara gapgarylmadyk ýa-da adaty tutulyşda onuň howpsuz äkidilmegini üpjün edýän gaba salynmadyk halatynda, Gatnadyjy goşy bellige alnan hökmünde kabul etmekden ýüz öwrüp biler. Ýolagçy öz bellige alnan goşuna näzik ýa-da tiz zaýalanýan zatlary, pul, gymmatbaha zatlary, gymmatbaha metallary, gymmatly kagyzlary, paýnamalary, şeýle hem iş resminamalaryny ýa-da önümleriň nusgalaryny salmaly däldir, Gatnadyjy bolsa olary bellige alnan goş hökmünde äkitmekden ýüz öwrüp biler. Bellige alnan goş ýolagçynyň barýan howa gämisinde äkidilýär. Şonuň ýaly edip äkitmek mümkin bolmasa, Gatnadyjy bellige alnan goşy özüniň iň ýakyndaky indiki ýa-da öňüsyrasyndaky gatnawy bilen äkitmäge borçludyr. Eger-de Gatnadyjy şu Düzgünlerde berlen "goş" kesgitlemesine laýyk gelmeýän haýsydyr bir zatlary goş hökmünde kabul etse, şonuň ýaly zatlaryň äkidilmegi hem şu Düzgünleriň täsirine düşýär.

Agram we goşy mugt äkitmegiň düzgünleri

Şu Düzgünleriň 8.4.9-njy bentçesinde görkezilenlerden beýleki halatlarda, petegi bolan her bir ýolagça goşuň hyzmat ediş synpyna laýyk gelýän we "Türkmenhowaýollary" MM-iň düzgünlerinde, buýruklarynda we gözükdirijilerinde bellenen agramyny mugt äkitmek hukugy berilýär.

Eger-de halkara gatnatmasy hyzmat edişiň birinji synpy bellenen (daşary ýurt gatnadyjylarynyň ugurlaryny hem goşmak bilen) halkara ugry boýunça hem-de birinji synply hyzmat ediş bellenmedik Turkmenistan Airlines halkara ugry boýunça yzygiderli ýerine ýetirilýän bolsa, onda ýolagça goşy ýolagçy tarapyndan tölenen birinji hyzmat ediş synpyna laýyk gelýän kada boýunça mugt äkitmäge hukuk berilýär.

Eger-de halkara gatnatmasy halkara we içki ugurlar boýunça we tersine yzygiderli ýerine ýetirilýän bolsa, onda "Türkmenhowaýollary" awiakampaniýasynyň içki ugrunyň gatnatma böleginde ýolagça goşy ýolagçy petek satyn alanda tölän halkara ugrunda hyzmat ediş synpyna laýyk gelýän kada boýunça mugt äkitmek hukugy berilýär. Ýolagçy gatnatma ýoluny we hyzmat ediş synpyny meýletin üýtgeden mahalynda, oňa goşy degişli ýol ýa-da täze bölekde hyzmat ediş synpy üçin bellenen kada boýunça mugt äkitmäge hukuk berilýär.

Gatnadyş ýoluny ýa-da hyzmat ediş synpyny mejbury üýtgetmeli bolan mahalynda, ýolagçynyň ilkibaşdaky tölenen ýol ugry we hyzmat ediş synpy boýunça rugsat berilýän mukdardaky goşy mugt äkitmäge haky bardyr. Ýolagçynyň öz ýany bilen howa gämisiniň hanasyna öz jogapkärçiligine el goşuny (ýantorba we gaýrylar) alyp bilýär, ol mugt äkidilýän goşuň kadasynyň hasabyna gatnatmaga kabul edilýär. El goşunyň agramy 5 kg-den geçmeli däldir, onuň iň ýokary ölçegleri bolsa 50x40x20 sm-den aşmaly däldir. Ýolagçynyň mugt äkidilýän goşuň bellenen kadadan ýokary öz elindäki we goşa salynmadyk aşakdaky zatlary mugt äkitmäge haky bardyr:

- zenan torbajygy;
- kagyzlar üçin papka;
- palto ýa-da plaş;
- ýapynja;
- saýawan ýa-da pişek;
- uçuş mahalynda okamak üçin çap edilen neşirler;
- çaga iýmiti we çaga ýol sallançajygy, maýyplar üçin kürsi-araba.

Iki we şondan köp ýolagçy şol bir ýere bir topar hökmünde barýan ýa-da şol bir gatnawda duryan bolsalar, öz goşlaryny gatnatmaga bilelikde görkezenlerinde, olara goşlary mugt äkitmegiň hususy kadalaryna deň bolan umumy kada boýunça mugt äkitmek hukugy berilýär.

Mugt äkitmek kadasyndan ýokary goşuň gatnadylmagy üçin töleg

Mugt äkitmek kadasyndan geçýän mukdardaky goşy gatnatmaklyk ugraýyş nokadyndan barmaly nokadyna çenli tutuş gatnadyş üçin tölegli goşuň hatynyň berlen gününe hereket edýän goş nyrhnamasy boýunça tölenýär. Şonuň ýaly, töleg deslapdan (goş resmileşdirilýän mahaly) geçirilip bilner. Eger-de ugraýyş nokadynda ýolagçy gatnatmak üçin öň yglan edeninden we petek resmileşdirilende deslapdan tölänin den az mukdardaky goşy getiren bolsa, goşuň yglan edilen we iş ýüzündäki agramynyň tölegindäki tapawut ýolagça ilkibaşky töleg walýutasynda gaýtarylmaga degişlidir. Eger-de ýolagçy yglan edilenden we deslapdan tölenenden ýokary gelýän mukdardaky goşy getiren bolsa, şonuň ýaly goş ýolagçynyň barýan howa gämisinde boş ýük orun bolan we degişli tölegden soň gatnatmaga kabul edilýär. Ýolagçynyň islegi boýunça mugt äkitmek kadasyndan ýokary goşuň gatnadylmagy üçin töleg ýolda durmak ýa-da transfer nokadyna çenli geçirilip bilner. Goşuň agramy artan halatynda, duruş nokadynda ýa-da transferde goşmaça goş üçin ýolagçydan töleg alynýar.



Goşlaryň berlişi

Ýolagçy özüniň bellige alnan goşuny barmaly nokadynda, ýoldaky duruşda ýa-da transferde Gatnadyjy tarapyndan görkezilenden soňra bada-bat almalydyr.

Gatnadyjy (ýa-da onuň işgäri) halkara howa gatnatmasy şertnamasy boýunça gatnadyja düşýän ähli pul möçberleri tölenen şertinde, goş haty we goş dakmajynyň ýyrtma talony berlen halatynda bellige alnan goşy berýär. Gatnadyjy (ýa-da onuň işgäri) goş hatyny we goş dakmajynyň ýyrtma talonyny görkezeniň goşy almaga hakynyň bardygyny barlamaga borçly däldir we goşy şonuň ýaly barlagsyz berendigi üçin zyýan ýa-da çykdajy üçin jogapkärçilik çekmeýär. Goş hatyny we goş dakmajynyň ýyrtma talonyny görkezeniň haýyşy boýunça, döwlet edaralarynyň düzgünlerinde şol nokatlarda goşlary bermek gadagan edilmedik bolsa, bellige alnan goş ugraýyş nokadynda ýa-da mündürmegiň aralyk nokadynda wagt we ýagdaýlar goş bermegi amala aşyrmaga mümkinçilik berýän halatynda berlip bilner.

Ugraýyş nokadynda ýa-da mündürmegiň aralyk nokadynda şonuň ýaly goş berlen halatynda Gatnadyja (ýa-da onuň işgärine) şol goşuň äkidilmegi bilen baglylykda öň tölenen pul möçberleri ýolagça gaýtarylmaga degişli däldir.

Goşy almaga dalaş edýän şahs goş hatyny we goş dakmajynyň ýyrtma talonyny görkezip bilmese, Gatnadyjy (ýa-da onuň işgäri) goşy şonuň ýaly şahsa onuň şol ýüke bolan hukuklaryny ýeterlik derejede subut eden we Gatnadyja (ýa-da onuň işgärine) olaryň şonuň ýaly goş berme netijesinde çekip biljek zyýanynyň ýa-da çykdajylarynyň öwezini dolmak hakynda kepillik hatyny beren halatynda berýär.

Goşy gowşurmakdaky gijikme, onuň ýetmezçiligi, zeper ýetirilmegi ýa-da ýitirilmegi, şeýle hem goş goş haty we goş dakmajynyň ýyrtma talony görkezilmezden berlen halatynda gatnatmakdaky näsazlyklar barada delilnama (PIR) düzülýär, oňa goş alan şahs we Gatnadyjy tarapyndan gol çekilýär. Delilnamany Gatnadyjy näsazlygy ýüze çykaran badyna, ýolagçy howa menziliniň çäginden çykmanka düzýär. Talap edilmedik goş getirilen gününden başlap alty aýyň dowamynda Türkmenistanyň çägindäki howa menzillerinde saklanýar. Görkezilen möhlet geçenden soň, talap edilmedik goş bellenen tertipde ýerlenýär.

Otag haýwanlaryny äkitmek

Itler, pişikler, guşlar we beýleki ownuk otag (eldekileşdirilen) haýwanlar diňe uly ýaşly ýolagçylaryň ýany bilen we Gatnadyjynyň deslapky razylygy bilen gatnatmak üçin kabul edilýär. Ýolagçy ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan berlen sertifikaty hem-de çägine, çäginden ýa-da çäginiň üstünden gatnatma amala aşyrylýan islendik ýurduň mal lukmançylyk edaralary tarapyndan talap edilýän beýleki resminamalary bermäge borçludyr.

Haýwanlary we guşlary äkitmek üçin ýolagçy ýeterlik ölçegdäki, howa geçirýän kapasa (öýjük) bilen üpjün etmelidir. Kapasanyň (öýjügiň) düýbi suw geçirmeýän we siňdiriji material düşelen bolmalydyr. Kadadan çykma hökmünde haýwanlary we guşlary jebis ýapylýan sebetlerde, howa girer ýaly deşikleri bolan gutularda äkitmäge ýol berilýär. Guşlaryň kapasalary galyň ýagtylyk geçirmeýän mata bilen örtülmelidir. Ýanyň bilen äkidilýän haýwanlaryň we guşlaryň agramy, şol sanda kapasalaryň (öýjükleriň) agramy goşy mugt äkitmek kadasyna goşulmaýar we goş nyrhnamasy boýunça tölenýär.

Ýolbelet itler boýuntyrygy we agyzlygy bolan halatynda we eýesiniň aýagynyň ýanynda daňylan ýagdaýda bolanda, goşy mugt äkitmek kadasyndan ýokarda mugt, öýjüksiz äkidilýär. Otag (eldekileşdirilen) haýwanlary we guşlary gatnatmaga kabul etmeklik ýolagçynyň olar üçin ähli jogapkärçiligi üstüne alan şertinde geçirilýär. Gatnadyjy şonuň ýaly haýwanlaryň we guşlaryň ten şikesleri ýetirilmegi, ýitirilmegi, eltilmeginiň gijikmegi, kesellemegi ýa-da ölmegi, şonuň ýaly-da olaryň islendik ýurda eltilmeginden ýa-da islendik ýurduň ýa-da çägiň üstünden geçirilmeginden boýun towlanan halatlary üçin jogap bermeýär.

Howpsuzlyk gurallary



Goş we gatnawa kabul edilmeýän zatlar

Ýolagçy öz goşuna şu zatlary almaly däldir: howa gämisine, şahslara ýa-da howa gämisindäki emläge zeper ýetirip biljek zatlar:

- partlaýjy maddalar;
- gysylan gazlar;
- korrozirleýji suwuklyklar;
- turşadyjy maddalar;
- radioaktiw maddalar;
- magnitlenýän materiallar;
- ýeňil otlanýan materiallar;
- zäherli, ýiti ysly ýa-da gyjyndyryjy maddalar;
- şeýle hem suwuklyklar (ýolagçynyň sapary wagtynda sarp etmegi üçin niýetlenen, hasaba alynmadyk goşda duryan suwuklyklardan başga); - territoriýasyna, territoriýasyndan ýa-da territoriýasynyň üstünden daşama amala aşyrylýan islendik ýurduň döwlet edaralarynyň kanunlary, permanlary we düzgünleri we görkezmeleri bilen daşalmagy gadagan edilen zatlar;
- Daşaýjynyň pikiriçe, öz agramy, ölçegi ýa-da beýleki häsiýetnamalary boýunça goş hökmünde daşalmak üçin kabul ederliksiz hasaplanýan predmetler;
- Şu düzgünleriň 9.15. bendinde beýan edilen düzgünleriň berjaý edilmegi şerti bilen daşalmaga kabul edilip bilinjek itlerden, pişiklerden we beýleki öý (eldekileşdirilen) haýwanlardan we guşlardan başga haýwanlar.

Gatnadyjy goş hökmünde ýokarda görkezilen islendik zatlary ýa-da maddalary äkitmekden ýüz öwrüp we goşda hem şolar ýaly zatlaryň ýa-da maddalaryň bardygy ýüze çykarylanda indiki gatnatmany ýerine ýetirmekden hem ýüz öwrüp biler.

Gatnatmaga bellige alynmadyk goş hökmünde çäklendirilen möçberde we gatnadyjynyň rugsady bilen kabul edilýän zatlar

Ýolagçylara bellige alynmadyk goş hökmünde çäklendirilen möçberde we gatnadyjynyň rugsady bilen äkitmäge rugsat edilýär:

Şert we düzgünama

- uçuş mahaly gerek bolup biljek arassaçylyk we lukmançylyk zatlary;
- tiz zaýalanýan zatlary gapgarmak we saklamak üçin ulanylýan gury buz;
- çägine, çäginden ýa-da çäginiň üstünden gatnatma aşyrylýan islendik ýurduň döwlet edaralarynyň kanunlary, kararlary, düzgünleri we görkezmeleri bilen rugsat edilenden köp bolmadyk mukdardaky alkogolly içgiler;
- temmäki önümleri we çilim çekmek üçin gerekliliker, ş.s. diňe gysylan absorbirleýji gazly çakmaklar;
- diňe lukmançylyk maksatlary üçin ulanylýan göterilýän kislorodly ballonlar;
- ortopedik gurallary herekete getirmek üçin ulanylýan göterilýän uglerod okisli ballonlar.

Ýolagçylary we goşlary gözden geçirmek

Uçuşlaryň howpsuzlygyny, ýolagçylaryň hem - de howa gämileriniň ekipažlarynyň agzalarynyň janyny we saglygyny goramak maksady bilen, "Türkmenhowaýollary" DMG-niň awiasiýa howpsuzlygy gulluklaryna we Türkmenistanyň beýleki ygtyýarly edaralaryna goşy (bellige alynmadyk goşy hem goşmak bilen) we ýolagçylaryň şahsy gözden geçirmek hukugy berilýär.

Zeruriyk bolan halatynda, ýolagçynyň razylygyna bagly bolmazdan, uçuşdaky howa gämisinde hem gözden geçiriş geçirilip bilner. Şu bendiň maksatlary üçin, howa gämisiniň ähli daşky gapylary ýüklemeden soňra ýapylan pursadyndan şol gapylaryň islendiginiň düşürme üçin açylan pursadyna çenli howa gämisi uçuşda hasap edilýär.

Ýolagçy howa menzilinde gözden geçirmeden ýüz öwren mahaly, Gatnadyjy gatnatma üçin tölän pul möçberlerini gaýtarmak bilen, halkara howa gatnatmasy hakyndaky şertnamany bozup biler. "Türkmenhowaýollary" DMG-niň awiasiýa howpsuzlygy gullugynyň ýa-da Türkmenistanyň beýleki ygtyýarly edaralarynyň pikiriçe uçuşyň howpsuzlygyna howp salyp biljek we bellige alynmadyk goş hökmünde äkitmäge ýol berilmeýän zatlar ýolagçydan alynýar. Şonuň ýaly zatlaryň sanawy "Türkmenhowaýollary" MM we ygtyýarly edaralar tarapyndan bellenýär.

Gözden geçiriş mahalynda alnan zatlar, mümkingadar, ýolagçynyň barýan gatnawy bilen äkidilmelidir. Alnan zatlaryň äkidilmeginiň we olaryň ýolagçylara transferlerde ýa-da barmaly nokadynda berilmeginiň tertibi "Türkmenhowaýollary" DMG-niň degişli düzgünleri we gözükdirijileri bilen kesgitlenýär.

Goş hökmünde gatnawa girmeýän zatlar:



Правила безопасности

Предметы, не принимаемые к перевозке в качестве багажа

Пассажир не должен включать в свой багаж:

предметы, которые могут причинить вред воздушному судну, лицам или имуществу, находящимся на борту воздушного судна, включая:

- взрывчатые вещества
- сжатые газы
- коррозирующие жидкости
- окисляющие вещества
- радиоактивные вещества
- намагничивающиеся материалы
- легковоспламеняющиеся материалы
- ядовитые, с резким запахом или раздражающие вещества
- а также жидкости (за исключением жидкостей, находящихся в незарегистрированном багаже, которые предназначены для потребления во время поездки пассажира);
- предметы, перевозка которых запрещена законами, постановлениями, правилами и предписаниями государственных органов любой страны на территорию, с территории или через территорию которой осуществляется перевозка;
- предметы, которые, по мнению Перевозчика, по своему весу, размеру или по другим характеристикам не приемлемы для перевозки в качестве багажа;

животных, исключая собак, кошек и других комнатных (приученных) животных и птиц, которые могут быть приняты к перевозке при соблюдении положений, изложенных в п.9.15. настоящих Правил.

Перевозчик может отказаться перевозить в качестве багажа любые предметы или вещества, указанные выше и может отказаться выполнять последующую перевозку любого багажа, если будет обнаружено, что он включает такие предметы или вещества.

Предметы, принимаемые к перевозке в качестве незарегистрированного багажа в ограниченном количестве и с разрешения перевозчика

Пассажирам разрешается провозить в качестве незарегистрированного багажа в ограниченном количестве и с разрешения перевозчика:

- предметы гигиены и медицины, которые могут понадобиться в течение полета;
- сухой лед, используемый для упаковки и сохранения скоропортящихся предметов;
- алкогольные напитки в количестве не большем, чем разрешается законами, постановлениями, правилами и предписаниями государственных органов любой страны, на территории, с территории или через территорию которой осуществляется перевозка;
- табачные изделия и принадлежности для курения, в том числе зажигалки только со сжиженным абсорбирующимся газом;
- портативные баллоны с кислородом, используемым исключительно в медицинских целях;
- портативные баллоны с окисью углерода, используемой для приведения в действие ортопедических приспособлений.

Досмотр пассажиров и багажа

В целях обеспечения безопасности полетов, охраны жизни и здоровья пассажиров и членов экипажей воздушных судов, службам авиационной безопасности ГНС «Туркменховаёллары» и другим компетентным органам Туркменистана предоставляется право производить досмотр багажа (включая незарегистрированный багаж) и личный досмотр пассажиров. Досмотр производится в аэропорту либо на воздушном судне.

На воздушном судне, находящемся в полете, досмотр может быть при необходимости произведен независимо от согласия пассажира. Для целей настоящего пункта воздушное судно считается находящимся в полете в любое время с момента закрытия всех его внешних дверей после загрузки до момента открытия любой из этих дверей для выгрузки.

При отказе пассажира в аэропорту от досмотра Перевозчик вправе расторгнуть договор международной воздушной перевозки с возвращением уплаченных за перевозку сумм.

Предметы, которые, по мнению службы авиационной безопасности ГНС «Туркменховаеллары» или других компетентных органов Туркменистана могут угрожать безопасности полета и не допускаются к перевозке в качестве незарегистрированного багажа, изымаются у пассажиров. Перечень таких предметов устанавливается НУ «Туркменховаеллары» и компетентными органами.

Изъятые при досмотре предметы должны быть по возможности перевезены тем же рейсом, которым следует пассажир.

Порядок перевозки изъятых предметов и передачи их пассажирам в пунктах трансфера или назначения определяются соответствующими правилами и инструкциями ГНС «Туркменховаеллары». ●



Copyright: sxyu

Багаж пассажира не должен включать:



Правила перевозки багажа

Зарегистрированный багаж

Во время приема багажа к перевозке Перевозчик обязан указать в билете количество мест и вес зарегистрированного багажа, что считается выдачей багажной квитанции пассажиру. Если вес багажа не указан в билете, считается, что полный вес зарегистрированного багажа не превышает нормы бесплатного провоза. Кроме того, Перевозчик обязан выдать пассажиру отрывной талон багажной бирки. После регистрации багажа обязанности по его сохранности возлагаются на Перевозчика.

Перевозчик может отказаться принять багаж в качестве зарегистрированного, если он не упакован в чемоданы, коробки, сумки или в другую упаковку, обеспечивающую его безопасную перевозку при обычных мерах обращения.

